Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işlere, Oba milli maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi bilen bagly meselelere garaldy.

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi S.Soltanmyradowa söz berildi. Ol welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda sebitde ýetişdirilen pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak boýunça zerur işler geçirilýär. Ýygnalan hasyl kabul ediş harmanhanalarynda, pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul edilýär. Welaýatda geljek ýylda bugdaýyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek üçin bugdaý ekişi dowam edýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar. Şeýle hem häkim welaýatyň çägindäki edara-kärhanalaryň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň we beýleki medeni-durmuş maksatly binalaryň ýyladyş ulgamlaryny talabalaýyk işletmek boýunça görülýän çäreler, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýokary hilli we guramaçylykly alnyp barylmagynyň zerurdygyny belledi hem-de bu babatda häkime anyk tabşyryklary berdi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen maksatnamalarda bellenen wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň möhümdigine ünsi çekip, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow welaýatdaky möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, sebitde pagta hasylyny soňky hanasyna çenli ýitgisiz ýygnap almak, ýygnalan hasyly kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul etmek, möwsümde ulanylýan oba hojalyk tehnikalarynyň doly güýjünde işledilmegini gazanmak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Welaýatda bugdaý ekişini agrotehniki möhletlerde tamamlamak üçin degişli çäreler görülýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy öz wagtynda tutulýar. Şeýle hem häkim welaýatdaky edara-kärhanalaryň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, beýleki medeni-durmuş maksatly desgalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek boýunça görülýän çäreler, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş we önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk

Все права защищены Current Date

işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, pagta hasylynyň ýitgisiz ýygnalyp alynmagyny, bugdaý ekişiniň agrotehniki möhletlerde geçirilmegini esasy wezipeleriň hatarynda kesgitledi hem-de bu babatda häkime birnäçe görkezmeleri berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň bellenen möhletlerde ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra iş maslahaty Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýewiň welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy baradaky hasabaty bilen dowam etdi.

Hasabatda bellenilişi ýaly, sebitde pagta ýygymy guramaçylykly dowam edip, ýetişdirilen hasyly ýitgisiz ýygnap almak boýunça zerur çäreler görülýär. Möwsümde oba hojalyk tehnikalary doly güýjünde işledilip, ýygnalan hasyl harmanhanalarda bökdençsiz kabul edilýär. Bugdaý ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek babatda zerur işler geçirilýär. Ekiş geçirilen ýerlerde kadaly gögeriş alynýar. Welaýatda şaly hasylyny ýygnap almak, şaly oragynyň depginini güýçlendirmek boýunça çäreler görülýär. Mundan başga-da, häkim welaýatdaky medeni-durmuş maksatly binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek boýunça görülýän çäreler, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, bu ugurdaky işleriň depginlerini güýçlendirmek, bugdaý ekişini talabalaýyk geçirmek babatda häkime anyk tabşyryklary berdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Lebap welaýatynyň häkimi M.Annanepesow welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Hasabatda bellenilişi ýaly, sebitiň pagtaçy daýhanlary tarapyndan ýetişdirilen “ak altynyň” hasylyny soňky hanasyna çenli ýygnap almak, hasyly pagta kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul etmek we talabalaýyk ýerleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Möwsümde oba hojalyk tehnikalary netijeli işledilýär. Welaýatda bugdaý ekişi dowam edip, kadaly gögeriş almak üçin agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda gögeriş suwy tutulýar. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda azyk bolçulygyny pugtalandyrmak baradaky

Все права защищены Current Date

tabşyryklaryndan ugur alnyp, sebitde ýetişdirilen şaly hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, döwlet harmanyna tabşyrmak hem-de bökdençsiz kabul etmek babatda zerur işler geçirilýär. Şeýle-de häkim welaýatdaky bilim, medeniýet, jemgyýetçilik edaralarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlaryny bökdençsiz işletmek üçin görülýän çäreler, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, häzirki wagtda oba hojalygynda dowam edýän işleriň ýokary hilli we guramaçylykly geçirilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyny belledi hem-de häkime birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalara laýyklykda, welaýatda şu ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň bellenen möhletlerde ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Mary welaýatynyň häkimi B.Orazow welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň döredýän mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanyp, häzirki wagtda welaýatda ýetişdirilen pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, ýygymda ulanylýan oba hojalyk tehnikalaryny doly güýjünde işletmek boýunça zerur çäreler görülýär. Geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişini ýokary hilli geçirmek babatda zerur işler alnyp barylýar. Ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwy öz wagtynda tutulyp, kadaly gögeriş alynýar. Welaýatda gant şugundyrynyň hasylynyň ýygymyna girişildi. Mundan başga-da, häkim welaýatyň çägindäki medeni-durmuş, jemgyýetçilik binalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek boýunça ýerine ýetirilýän işler, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýetişdirilen pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişini talabalaýyk geçirmek babatda häkime birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, welaýatda şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işleriň çäklerinde ýetişdirilen pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, hasyly kabul ediş

Все права защищены Current Date

harmanhanalarynda we pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul etmek boýunça zerur çäreler görülýär. Bu işlerde ulanylýan kombaýnlar, awtoulaglar doly güýjünde işledilýär. Geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişi tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwuny tutmak hem-de gögeriş alnan meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri geçirilýär. Daşoguz, Lebap welaýatlarynda şaly hasylyny ýygnap almak, kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul etmek we talabalaýyk saklamak babatda işler dowam edýär. Mary welaýatynda gant şugundyry ekilen meýdanlarda ideg işleri tamamlanyp, häzirki wagtda hasyly ýygnap almaga girişildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagynyň milli ykdysadyýetimizdäki möhüm ähmiýetini belledi we häzirki wagtda pudakda ýaýbaňlandyrylan möwsümleýin işleriň talabalaýyk alnyp barylmagyny gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzir ýurdumyzyň oba hojalygynda örän jogapkärli döwür bolan pagta ýygymy möwsüminiň dowam edýändigini, şoňa görä-de, ýygymyň depginini has-da güýçlendirmegiň, pagta hasylyny gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak üçin zerur bolan ähli işleri talabalaýyk geçirmegiň möhümdigini belledi we welaýatlarda ýygymda kombaýnlaryň, tehnikalaryň, pagta arassalaýjy kärhanalaryň, pagta kabul ediş harmanhanalarynyň doly güýjünde we netijeli işledilmegini üpjün etmegi, şu işleriň öz wagtynda ýerine ýetirilmegine aýratyn üns bermegi tabşyrdy. Hormatly Prezidentimiz welaýatlarda bugdaý ekişiniň hem güýçli depginde alnyp barylýandygyna ünsi çekip, ekişiň öz wagtynda, ýokary hilli geçirilmeginiň bugdaýyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmäge, ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmäge ýardam etjekdigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz welaýatlarda bugdaý ekişiniň bellenen agrotehniki möhletlerde geçirilmegini berk gözegçilikde saklamagy, ekişde tehnikalaryň we gurallaryň doly güýjünde, netijeli işledilmegini gazanmagy, gögeriş suwuny tutmak işleriniň talabalaýyk, öz wagtynda geçirilmegini, bugdaý ekilen meýdanlarda kadaly gögeriş alynmagyna aýratyn üns bermegi tabşyrdy. Şunuň bilen birlikde, welaýatlarda hyzmat ediji edara-kärhanalar bilen 2024-nji ýylyň pagta hasyly hem-de 2025-nji ýylyň bugdaý hasyly üçin ýerine ýetirilen işler üçin hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek tabşyryldy. Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiz Daşoguz we Lebap welaýatlarynda şaly hasylynyň, Mary welaýatynda ýetişdirilen gant şugundyrynyň talabalaýyk ýygnalyp alynmagyny üpjün etmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz gyş möwsüminiň golaýlap gelýändigine ünsi çekip, welaýatlarda bilim, medeniýet, dolandyryş, jemgyýetçilik edaralarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş

Все права защищены Current Date

ulgamlarynyň kadaly işledilmegini üpjün etmegi, ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, welaýatlarda şu ýylda meýilleşdirilen işleriň öz wagtynda ýerine ýetirilmegi üçin ähli zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow iş maslahatyny tamamlap, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Все права защищены Current Date